# Garrylykdyr-da

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garrylykdyr-da GARRYLYKDYR-DA

«Ömrüňde ýaman dert näme?» diýseler,
Men jogap bererin: «Garrylykdyr-da».
«Dogryňy aýt» diýip, gylyç syrsalar,
Şonda-da diýerin: «Garrylykdyr-da».

Gobsunyp ýeriňden galyp bilmersiň,
Eliň ýere urman turup bilmersiň,
Tursaňam, diküste durup bilmersiň,
Nädersiň alaç ýok, garrylykdyr-da.

Göreçler küteler, gapylar gulak,
Ylgamak islärsiň, ädilmez aýak,
Ýogsam eliňdedir bir metr taýak,
Şol taýak şaýatdyr, garrylykdyr-da.

Taňrynyň kylanna kaýyl bolmaly,
Geçen pederleriň pendin almaly,
Hudaý ýaş berensoň, gadryn bilmeli,
Ýene ganymatdyr, garrylykdyr-da.

Wagtal-wagtal bahar berdi, ýaz berdi,
Toýly-tomaşaly aýdym-saz berdi,
Şükür Alla, ogul berdi, gyz berdi,
Uly döwletlilik, garrylykdyr-da.

Ýer titreýip, görk gaçanda galadan,
Hudaýym sowandyr dürli beladan,
Ömürsaýy närza däl men Alladan,
Tebigat kanuny, garrylykdyr-da.

Sapar ýomut näçe döwran sürensiň,
Ýagşy-ýaman nesibäňi görensiň,
Toýlarda, baýramda meýlis guransyň,

Hemmesi geçendir, garrylykdyr-da. Goşgular